# Ykbalym

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ykbalym YKBALYM

Ýaşlygymy ýada salsam, gara gözler çyglanýar,
Gara gözli dost-ýarlarym, käbäm enem aglaýar.
Ölen ýagşy, emma, welin şolar ýolum baglaýar,
Indi meniň soňky bir ýolumdan goýma, ykbalym.

Çagalykda päk ýürekli çagalar deý çagadym,
Çagalykda şat geçerdi, gamsyzdy her sagadym,
Emma welin, ulalamsoň bagtsyzlykdan agladym,
Men günäsiz günäliň odunda goýduň, ykbalym.

Bagtsyzlykdan, şowsuzlykdan, gaçyp bilmen gutulyp,
Ilki söýgim – ýaşlyk söýgim diri ýandyň satylyp,
Durmuşymdan geçerinmi ömür baky utulyp,
Köýdürensoň nämä dymýaň, dillensene, ykbalym.

Ýaşlygymda arzuw etdim, arzuw başa barmady,
Hiç bolmanda baş arzuwym söýen gülüm gelmedi,
Kemsidilen garyp göwnüm hiç bir eşret görmedi,
Kemsidilen garyp göwni garyp goýduň, ykbalym.

Öwez GELENOW. Goşgular